# Türkmenistanyň Prezidenti Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy bilen duşuşdy

«Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak üçin Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy hanym Ursula fon der Lýaýen bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy bilen Samarkant şäherinde duşuşmaga şatdygyny aýdyp, bu ýokary derejeli sammitiň üstünlikli geçmegini arzuw etdi. Söhbetdeşler sammitiň dowamynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny seljermäge, özara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek babatda pikir alyşmaga, Merkezi Aziýa bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklary işjeň ýola goýmakda möhüm wezipeleri çözmäge mümkinçiligiň boljakdygyna ynam bildirdiler.

Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen ÝB-niň Merkezi Aziýa ýurtlary, şol sanda Türkmenistan bilen köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gyzyklanma bildirýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen özara bähbitli gatnaşyklary giňeltmäge uly ähmiýet berýändigini aýtdy. Biziň ýurdumyz bu düzümiň öňe sürýän «ýaşyl» energetika syýasatyna laýyklykda, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, durnukly energiýa serişdeleriniň üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Hyzmatdaşlygyň çäklerinde Türkmenistanda kanun çykaryjylyk, ylym-bilim, oba hojalygy, daşky gurşawy goramak, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ýaly ugurlarda taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz Aşgabatda şu ýylyň dekabrynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi mynasybetli, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna gabatlanyp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumynyň geçiriljekdigini aýtdy we hanym Ursula fon der Lýaýeni bu foruma gatnaşmaga çagyrdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge goşýan şahsy goşandy üçin Ýewropa Komissiýasynyň Başlygyna minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy hanym Ursula fon der Lýaýen deňhukuklylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlygyň geljekde hem üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.01.2026